Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞININIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#23 (306)

suббота, 20 июня 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости

TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

20-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi.

Onda ýurdumyzyň döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa milli kanunçylygymyzy döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň kanunçylygyny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow ýurdumyzyň bank ulgamynda sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak we bank işini döwrebaplaşdyrmak boýunça amala aşyrylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň bank ulgamynda döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi hem-de şunuň bilen baglylykda, Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek boýunça taýýarlanylan teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli hasabatlary berdiler.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa şu ýylyň iýul aýynda geçiriljek esasy çäreleriň Tertibi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ata Watanymyzda köp sanly dabaraly çäreleriň geçirilýändigine ünsi çekdi hem-de wise-premýere şu ýylyň iýul aýyndaky çäreleri geçirmek üçin gowy taýýarlyk görmegi hem-de olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, halkyň saglygyny goramak we sagdyn jemgyýeti kemala getirmek ugrunda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzda enäniň we çaganyň sagdyn bolmagyny gazanmak boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi hem-de şunuň bilen baglylykda, eneleriň we çagalaryň saglyk ýagdaýyny has-da gowulandyrmak maksady bilen, bu ugurda taýýarlanan resminama gol çekip, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew ýurdumyzyň demir ýol ulaglary pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da berkitmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň demir ýol ulaglary pudagyny ösdürmek, ulag düzüm üpjünçiligini ýokarlandyrmak boýunça işleriň alnyp barylýandygyny belledi hem-de demir ýollaryň ulag-üstaşyr geçirijilik ukybyny artdyrmak we ýük dolanyşygyny ösdürmek maksady bilen taýýarlanylan teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА СОЕДИНЁННЫХ ШТАТОВ АМЕРИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Соединённых Штатов Америки Дональду Трампу по случаю его 80-летнего юбилея.

«Мы высоко ценим дружественные отношения между нашими странами и твёрдо уверены в их дальнейшем развитии и укреплении в интересах народов Туркменистана и Соединённых Штатов Америки», – отмечается в послании главы государства.

Пользуясь возможностью, Президент Туркменистана выразил Президенту Дональду Трампу пожелания крепкого здоровья, счастья, благополучия и больших успехов в начинаниях во имя прогресса и процветания народа Соединённых Штатов Америки.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ИСЛАНДИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Исландия госпоже Халле Томасдоттир по случаю национального праздника – Дня провозглашения Республики.

Пользуясь возможностью, глава государства выразил Президенту Халле Томасдоттир искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Республики Исландия – мира, благополучия и процветания.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BILEN MALAÝZIÝANYŇ PREMÝER-MINISTRINIŇ ARASYNDA GEPLEŞIKLER GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 19-njy iýunynda Türkmenistanyň Prezidentiniň "Oguz han" köşkler toplumynda bir gün öň Aşgabada resmi sapar bilen gelen Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibrahimi resmi garşylamak dabarasy geçirildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow belent mertebeli myhmany mähirli mübärekläp, Türkmenistana resmi sapar bilen gelmek baradaky çakylygy kabul edendigi üçin minnetdarlyk bildirdi. Premýer-ministr Anwar Ibrahimiň Türkmenistana amala aşyrýan ilkinji saparyna iki döwletiň taryhynda möhüm waka hökmünde garalýandygy bellenildi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow türkmen halkynyň Milli Lideriniň Anwar Ibrahime iberen salamyny ýetirdi, şeýle-de öz adyndan we Gahryman Arkadagymyzyň adyndan Onuň Alyjenaby, Malaýziýanyň Ýokary Baştutany Soltan Ibrahime mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Malaýziýanyň Premýer-ministri bildirilen myhmansöýerlik üçin hoşallygyny beýan edip, Soltan Ibrahimiň Prezident Serdar Berdimuhamedowa hem-de Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny, Türkmenistanyň halkyna bolsa rowaçlyk, abadançylyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi.

Premýer-ministr Anwar Ibrahim Malaýziýanyň dünýä ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barýan, oňyn Bitaraplyk syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirýän Türkmenistanyň başlangyçlaryny doly goldaýandygyny we Türkmenistan bilen netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge taýýardygyny tassyklady.

Premýer-ministr Anwar Ibrahim Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň 2024-nji ýylda Malaýziýa amala aşyran saparyny ýatlap, onuň dowamynda gazanylan ylalaşyklaryň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge kuwwatly itergi berendigini belledi.

Türkmenistanyň Prezidenti ýurtlarymyzyň diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan wagtyndan bäri ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmekde uly ýoly geçendiklerine ünsi çekdi.

Nygtalyşy ýaly, iki döwletiň arasynda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Türkmenistan hem-de Malaýziýa iri halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäginde üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk türkmen-malaý gatnaşyklarynyň möhüm ugry bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Malaýziýanyň iri kompaniýalarynyň biri bolan "PETRONAS" kompaniýasynyň ýurdumyz bilen nebitgaz pudagynda 30 ýylyň dowamynda alyp barýan hyzmatdaşlygynyň netijeli häsiýeti bellenildi.

Taraplar medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy, hususan-da, bilim ugrudaky gatnaşyklary ara alyp maslahatlaşdylar. Prezident Serdar Berdimuhamedow Malaýziýanyň öňdebaryjy ýokary okuw mekdeplerinde bilim alan türkmen hünärmenleriniň milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda işleýändiklerini nygtap, bu ugurda malaýziýa tarapyna minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda döwlet Baştutanymyz we Premýer-ministr Anwar Ibrahim Türkmenistanyň hem-de Malaýziýanyň ýola goýlan gatnaşyklary mundan beýläk-de netijeli ösdürmek üçin bilelikdäki işleri dowam etdirmäge taýýardyklaryny tassykladylar.

Soňra gepleşikler iki ýurduň wekiliýetleriniň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdi.

Taraplar syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlarda özara gyzyklanma bildirilýän meseleleriň giň toplumyny ara alyp maslahatlaşdylar. Duşuşykda geljek ýyl iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň bellenilmegine 35 ýylyň dolýandygy aýratyn bellenildi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Malaýziýanyň halkara giňişliginde Türkmenistanyň öňe sürýän halkara başlangyçlaryny we tekliplerini yzygiderli goldaýandygyny aýratyn nygtady. Şeýle hem ol malaýziýa tarapynyň Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy barada 1995-nji, 2015-nji we 2025-nji ýyllarda kabul edilen Kararnamalaryň taslamalaryny işläp taýýarlamaga işjeň gatnaşandygyny belledi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň halkara giňişligindäki uly abraýyny aýratyn nygtamak bilen, Premýer-ministr Anwar Ibrahim Türkmenistanyň Malaýziýa üçin strategik taýdan ähmiýetli hyzmatdaşdygyny yglan etdi.

Duşuşygyň dowamynda şu ýylyň 20-nji maýynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen öňe sürlen «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüş işini goldamakda hem-de berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnamany goldandygy üçin Malaýziýanyň Hökümetine minnetdarlyk bildirdi.

Nygtalyşy ýaly, Malaýziýa Birleşen Milletler Guramasynda energetika howpsuzlygynyň, halkara ulag hyzmatdaşlygynyň meseleleri boýunça Türkmenistan tarapyndan öňe sürlen Kararnamalaryň awtordaşy bolup yzygiderli çykyş edýär.

Gepleşikleriň barşynda beýleki köptaraply düzümleriň, aýratyn-da, Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlary birleşiginiň (ASEAN) çäklerindäki hyzmatdaşlyk meselelerine garaldy. Şu nukdaýnazardan Türkmenistanyň döwlet Baştutany ASEAN-y esaslandyryjy ýurt we onuň abraýly agzasy bolan Malaýziýa bilen gatnaşyklaryň ähmiýetini belledi. Şeýle hem Türkmenistanyň Malaýziýanyň 2025-nji ýylda ASEAN-da başlyklyk etmeginiň netijelerine ýokary baha beryändigi nygtaldy.

Prezident Serdar Berdimuhamedow ösüp barýan ýurtlaryň kanuny bähbitlerini, ählumumy çözgütler kabul edilende olara berlen mynasyp orny we adalatly hukugy goramagy Türkmenistan bilen Malaýziýanyň arasyndaky bilelikdäki işlerde örän möhüm ugur hökmünde kesgitläp, ýurdumyzyň Ählumumy Günortanyň ornuny pugtalandyrmak, dialog medeniýetini ilerletmek boýunça Malaýziýanyň başlangyçlaryny goldaýandygyny aýtdy.

"Biz halkara howpsuzlygy pugtalandyrmak boýunça başlangyçlary ilerletmekde, Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmagyň maksatnamalaryny bilelikde goldamakda Malaýziýa bilen ýakyn hyzmatdaşlyk etmäge taýýardyrys" diýip Prezident Serdar Berdimuhamedow nygtady.

Şeýle hem howa gün tertibi, energetika geçişi, Merkezi we Günorta-Gündogar Aziýanyň arasynda sebitara dialogy ösdürmek, Aziýa yklymynda täze ulag-logistika gatnaşyklaryny emele getirmäge ýardam bermek boýunça hyzmatdaşlyk etmegiň maksat edinilýändigi bellenildi.

Duşuşykda taraplar Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň çäklerindäki hyzmatdaşlyk meselelerine hem garadylar. Söwda-ykdysady we maýa goýum ulgamlary, aýratyn-da, nebit-gaz pudagy ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde görkezildi. Şeýle hem Malaýziýanyň «Petronas» kompaniýasynyň Türkmenistandaky esasy hyzmatdaşlaryň biri bolup durýandygy aýratyn nygtaldy.

Premýer-ministr Anwar Ibrahim 1996-njy ýyldan bäri Türkmenistanda üstünlikli iş alyp barýan «Petronas» kompaniýasynyň işini goldaýandygy üçin türkmen tarapyna hoşallyk bildirdi we taraplaryň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmekde Prezident Serdar Berdimuhamedowyň şahsy goşandyny hem-de goldawyny nygtady.

Prezident Serdar Berdimuhamedow nebitgaz pudagynda giň möçberli we uzak möhletli taslamalary durmuşa geçirmek maksady bilen, birnäçe möhüm ikitaraplaýyn resminamalaryň taýýarlanylandygyny, olaryň esasynda «PETRONAS» kompaniýasynyň gatnaşmagynda ýakyn wagtda Hazar deňziniň türkmen böleginde uglewodorodlaryň täze ýataklaryny özleşdirmek, Hazaryň geljegi uly nebitgaz toplumlarynda gözlegleri geçirmek boýunça giň gerimli işleriň başlanjakdygyny belledi.

Anwar Ibrahim Malaýziýada energetika pudagynda, maglumat merkezleriniň işini guramakda we beýleki ugurlarda Türkmenistanyň toplan baý hem döwrebap tejribesini öwrenmäge uly gyzyklanma bildirilýändigini, «PETRONAS» kompaniýasy bilen köp ýyllaryň dowamynda ýola goýlan hyzmatdaşlyga ýokary baha berilýändigini belledi.

Duşuşygyň dowamynda ýokary tehnologiýalar, maliýe-bank, dokma senagaty, ulag-aragatnaşyk, oba we suw hojalygy, şähergurluşyk ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin iki ýurduň hem uly mümkinçilikleriniň

(Dowamy 3-nji sahypada).

(Başlangyjy 2-nji sahypada).

bardygyna üns çekildi.

Medeni-ynsanperwer ulgam döwletara gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Bellenilişi ýaly, halklarymyzyň gadymy däpleri, baý taryhy mirasy bar. Bu däpler we miras birek-biregi ýakyndan tanamaga, medeniýetleri özara baýlaşdyrmaga ýardam berýär. Şunuň bilen baglylykda, iki ýurtda özara Medeniýet günleriniň geçirilmeginiň möhüm ähmiýeti bellenildi.

Bilim ulgamyndaky özara gatnaşyklar, aýratyn-da, ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamak netijeli hyzmatdaşlygyň aýdyň subutnamasydyr diýip, Anwar Ibrahim belledi hem-de Malaýziýanyň bu ugurda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge taýýardygyny tassyklady.

Malaýziýanyň Premýer-ministri beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň gymmatly eserleriniň malaý diline terjime edilmegini medeni gepleşikleriň aýdyň mysaly hökmünde görkezdi.

Döwlet Baştutanymyz sözüniň ahyrynda belent mertebeli myhmanyň şu saparynyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmaga gönükdirilendigini belläp, şu duşuşygyň iki döwletiň mundan beýläk-de bilelikde işlemäge taýýardygyny tassyklaýandygyna ynam bildirdi hem-de netijeli hyzmatdaşlyk üçin Premýer-ministr Anwar Ibrahime ýene bir gezek minnetdarlyk bildirip, Malaýziýanyň halkyna parahatçylyk, abadançylyk, gülläp ösüş baradaky arzuwlaryny beýan etdi.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BILEN MALAÝZIÝANYŇ PREMÝER-MINISTRINIŇ ARASYNDA GEPLEŞIKLER GEÇIRILDI

Sözüniň ahyrynda Anwar Ibrahim bilelikdäki tagallalaryň esasynda iki ýurduň halklarynyň arasyndaky dostluk köprüleriniň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirdi.

Gepleşikler tamamlanandan soňra, ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek we resminamalary özara alyşmak dabarasy boldy.

Özara alşylan resminamalaryň hatarynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen Malaýziýanyň Ylymlar akademiýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; «Türkmenhowaýollary» döwlet gullugy bilen Malaýziýanyň Ulag ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Malaýziýanyň Hökümetiniň arasynda howa gatnawlary hakynda Ylalaşyk; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Malaýziýanyň Hökümetiniň arasynda diplomatlary taýýarlamak we ylmy alyş-çalyş babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama bar.

Şeýle hem Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti bilen Tenaga milli uniwersitetiniň arasynda talyp alyş-çalşygy we mobillik maksatnamasy hakynda Ylalaşyga; Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty bilen Tenaga milli uniwersitetiniň arasynda talyp alyş-çalşygy we mobillik maksatnamasy hakynda Ylalaşyga; Türkmenistanyň Döwlet energetika instituty bilen Tenaga milli uniwersitetiniň arasynda talyp alyş-çalşygy we mobillik maksatnamasy hakynda Ylalaşyga gol çekilendigi yglan edildi.

Soňra Prezident Serdar Berdimuhamedow hem-de Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibrahim saparyň jemleri boýunça Bilelikdäki Beýannama gol çekdiler.

Beýannamada şu gezekki gepleşikleriň dowamynda ikitaraplaýyn, sebit we halkara meseleleriň giň toplumyna seredilendigi, hormatly Prezidentimiziň hem-de Malaýziýanyň Premýer-ministriniň iki ýurduň ikitaraplaýyn esasda, sebit, halkara guramalaryň çäklerinde hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge ygrarlydyklary tassyklanylýar hem-de Malaýziýanyň wekiliýetiniň ýurdumyza amala aşyran saparynyň netijeleri beýan edilýär.

Gol çekmek dabarasy tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz hem-de Malaýziýanyň Premýer-ministri metbugat wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

* * *

Ir bilen Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibrahim paýtagtymyzdaky Garaşsyzlyk binasyna gül dessesini goýdy.

Asylly däbe görä, Premýer-ministr iki döwletiň we olaryň dostlukly halklarynyň arasyndaky mizemez dostlugyň nyşany hökmünde Hormatly myhmanlar seýilbagynda bag nahalyny oturtdy.

Belent mertebeli myhmanyň hormatyna Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan resmi kabul edişlik guraldy.

Malaýziýanyň Premýer-ministri ýurdumyza saparynyň çäklerinde paýtagtymyzyň golaýyndaky Gypjak obasyna geldi. Bu ýerde belent mertebeli myhman Türkmenbaşynyň ruhy metjidinde Türkmenistanyň ilkinji Prezidentini hatyralady hem-de juma namazyny okady.

Türkmenistana resmi saparynyň maksatnamasy tamamlanandan soňra, Malaýziýanyň Premýer-ministri paýtagtymyzyň Halkara howa menziline geldi we Watanyna ugrady.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА И ПРЕМЬЕР-МИНИСТР МАЛАЙЗИИ ПРИНЯЛИ УЧАСТИЕ В МЕЖДУНАРОДНОЙ НАУЧНО-ПРАКТИЧЕСКОЙ КОНФЕРЕНЦИИ, ПОСВЯЩЁННОЙ ТУРКМЕНО-МАЛАЙЗИЙСКОМУ ПАРТНЁРСТВУ

19 июня 2026 года в Торгово-промышленной палате при участии Президента Сердара Бердымухамедова и Премьер-министра Малайзии Анвара Ибрахима, находящегося с визитом в нашей стране, состоялись международная научно-практическая конференция «Туркменистан – Малайзия: 30 лет взаимовыгодного сотрудничества в нефтегазовой отрасли» и организованная в её рамках выставка, посвящённая туркмено-малайзийскому партнёрству.

В форуме также приняли участие руководители отечественного нефтегазового комплекса и представители крупнейших профильных мировых компаний.

Нынешний этап двусторонних отношений ознаменован значимым событием — проведением масштабной научно-практической конференции, посвящённой 30-летию плодотворного сотрудничества с малайзийской компанией «Petronas». Данный форум не только подводит итоги совместной работы за минувшее время, но и выступает в качестве стратегической площадки для формирования фундамента взаимодействия на предстоящие десятилетия.

Личное участие главы государства Сердара Бердымухамедова и Премьер-министра Малайзии Анвара Ибрахима подтверждает особое значение и высокий международный уровень нынешнего мероприятия.

Для выступления на пленарном заседании конференции первому слово было предоставлено Президенту Сердару Бердымухамедову.

Прежде всего глава государства поблагодарил руководителя Правительства Малайзии Анвара Ибрахима за принятое приглашение посетить Туркменистан с официальным визитом, состоявшиеся конструктивные переговоры, а также за участие в нынешней конференции. Всё это вновь демонстрирует стратегическую значимость двустороннего партнёрства в нефтегазовой сфере.

Взаимодействие в данной области, в свою очередь, выступает важнейшим фактором долгосрочного экономического и инвестиционного сотрудничества между нашими странами. В текущем году исполняется 30 лет установлению партнёрства между

(Окончание на 4-й стр.)

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА И ПРЕМЬЕР-МИНИСТР МАЛАЙЗИИ ПРИНЯЛИ УЧАСТИЕ В МЕЖДУНАРОДНОЙ НАУЧНО-ПРАКТИЧЕСКОЙ КОНФЕРЕНЦИИ, ПОСВЯЩЁННОЙ ТУРКМЕНО-МАЛАЙЗИЙСКОМУ ПАРТНЁРСТВУ

(Начало на 3-й стр.)

Туркменистаном и Малайзией в нефтегазовой сфере.

Значительную роль в этом деле играет малайзийская компания «Petronas»: за годы деятельности в нашей стране компания инвестировала в нефтяную и газовую промышленность Туркменистана сумму, составляющую порядка 12 миллиардов долларов США.

Как отмечалось, за прошедший период была проделана колоссальная работа, сформирована солидная договорно-правовая база сотрудничества. Достигнут также устойчивый рост объёма добычи на нефтегазовых месторождениях Туркменистана: с этой целью на море было возведено пять платформ и пробурено около 40 разведочных, оценочных и эксплуатационных скважин.

В результате проведённой масштабной работы на сегодняшний день открыты крупные запасы углеводородных ресурсов. В настоящее время продолжается освоение таких месторождений, как «Magtymguly», «Diýarbekir» и «Garagöl Deňiz». В ближайшее время также планируется промышленная разработка месторождений «Öwez» и «Maşrykow».

Одним из важнейших достижений компании «Petronas» и туркменских партнёров за годы совместной деятельности на Каспийском море стала добыча более 44 миллиардов кубических метров газа и 16 миллионов тонн жидких углеводородов.

Благодаря тесному взаимодействию с малайзийскими партнёрами на туркменском побережье Каспийского моря были возведены завод по подготовке газа, береговой газовый терминал, а также цех по сборке морских конструкций.

В завершение Президент Сердар Бердымухамедов вновь поблагодарил Премьер-министра Анвара Ибрахима за поддержку деятельности малайзийских компаний в Туркменистане, а также поздравил участников конференции с 30-летием сотрудничества между Туркменистаном и Малайзией в нефтегазовой сфере, пожелав всем успехов и новых достижений.

Затем слово было предоставлено Премьер-министру Малайзии Анвару Ибрахиму.

Прежде всего, Премьер-министр Анвар Ибрахим от имени народа Малайзии выразил признательность Президенту Сердару Бердымухамедову, Правительству и братскому народу Туркменистана, отметив, что в Малайзии высоко ценят сложившиеся между нашими государствами отношения, основанные на взаимном доверии, уважении и стремлении к совместному развитию.

Подписание сегодня пакета соответствующих документов является свидетельством выхода двусторонних отношений на новый этап, заявил Премьер-министр Малайзии, подчеркнув, что поэтические строки великого мыслителя Махтумкули Фраги: «Göwünler, ýürekler bir bolup başlar, tartsa ýygyn erär, topraklar daşlar…», как нельзя лучше отражают глубинную суть нынешней встречи.

Отметив, что данные слова наилучшим образом свидетельствуют о духовном единстве народов Малайзии и Туркменистана, Премьер-министр Анвар Ибрахим вновь выразил признательность Президенту Сердару Бердымухамедову и представителям деловых кругов Туркменистана.

По завершении пленарного заседания Президент страны и высокий гость ознакомились с выставкой, посвящённой туркмено-малайзийскому сотрудничеству.

По завершении ознакомления с выставкой при участии Президента Туркменистана и Премьер-министра Малайзии состоялась церемония подписания двусторонних документов между государственными концернами «Türkmennebit» и «Türkmengaz» с компанией «Petronas Çarigali (Turkmenistan) Sdn. Bhd.».

По завершении форума Президенту Сердару Бердымухамедову и Премьер-министру Малайзии Анвару Ибрахиму была выражены сердечная признательность за участие в конференции и пожелания успехов в осуществляемой деятельности.

Таким образом, состоявшаяся в Ашхабаде международная научно-практическая конференция наглядно подтвердила, что на протяжении 30 лет сотрудничество между Туркменистаном и компанией «Petronas» носит образцовый характер долгосрочного и взаимовыгодного партнёрства.

MEETING HELD AT THE MFA OF TURKMENISTAN WITH THE AMBASSADOR OF JAPAN

On 15 June 2026, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan, Rashid Meredov held a meeting with the Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Japan to Turkmenistan, Hiroshi Sasaki.

During the meeting, the sides noted the steady development of Turkmen–Japanese relations and discussed promising areas of cooperation of mutual interest.

It was emphasized that maintaining an active political dialogue at a high level, along with regular contacts between relevant institutions, contributes to further strengthening the Turkmen–Japanese partnership and expanding mutually beneficial cooperation.

DIM-DE ÝEWROPANYŇ TÄZELENIŞ WE ÖSÜŞ BANKYNYŇ TÜRKMENISTANDAKY WEKILHANASYNYŇ ÝOLBAŞÇYSY BILEN DUŞUŞYK GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 18-nji iýunynda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredowyň Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş bankynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň ýolbaşçysy Erik Liwni bilen duşuşygy geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda taraplar Türkmenistan bilen Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş bankynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak bilen bagly möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Taraplar yzygiderli maslahatlaryň we duşuşyklaryň amaly hyzmatdaşlygy giňeltmäge hem-de täze bilelikdäki başlangyçlary öňe ilerletmäge ýardam berýändigini belledilerler.

Taraplar ykdysady özgertmeleri goldamak, maýa goýumlary çekmek we strategiki taýdan wajyp bolan taslamalaryny durmuşa geçirmek ugrunda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge özara gyzyklanma bildirýändiklerini tassykladylar.

Посол Туркменистана в Японии А. Байрамов встретился с встретился с Губернатором Токио Юрико Коикэ

15 июня 2026 года Посол Туркменистана в Японии А. Байрамов провел встречу с Губернатором Токио Юрико Коикэ.

На встрече обсуждалось развитие различных направлений сотрудничества между Туркменистаном и Японией.

В ходе встречи была высоко оценена политика Президента Туркменистана и Героя Аркадага, направленная на дальнейшее укрепление туркмено-японских отношений. В частности, была отмечена значимость дружеских и конструктивных переговоров между Президентом Туркменистана, Императором Японии Нарухито и Премьер-министром Японии Санаэ Такаичи, состоявшихся в Токио в апреле и декабре 2025 года.

На встрече также обсуждались вопросы искусственного интеллекта (ИИ) и цифровой трансформации (ЦТ), экономического, промышленного и технологического обмена, культурного и туристического обмена.

В конце встречи Посол пригласил Губернатором Токио Юрико Коикэ посетить Туркменистан в любое удобное для сторон время, в том числе в рамках отмечаемых в г.Ашхабад и г.Аркадаг государственных мероприятий.

Встреча Посла Туркменистана в Грузии с Министром внутренних дел Грузии

19 июня 2026 года состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Грузии Д.Сейитмаммедова с Министром внутренних дел Грузии С.Тамазашвили.

В начале встречи Посол поздравил собеседника с назначением на должность Министра внутренних дел и пожелал успехов в дальнейшей работе.

В ходе беседы стороны обменялись мнениями по ключевым вопросам взаимодействия в сфере обеспечения общественной безопасности, укрепления правопорядка, а также совершенствования механизмов межведомственного сотрудничества.

Посол подчеркнул важность дальнейшего укрепления доверительного диалога между соответствующими структурами двух стран, отметив, что развитие практического взаимодействия в правоохранительной сфере является важным элементом общей системы двусторонних отношений.

Министр, в свою очередь, подтвердил готовность к углублению сотрудничества и реализации совместных инициатив, направленных на повышение эффективности работы профильных ведомств.

В завершение встречи, стороны отметили необходимость регулярных контактов и дальнейшего развития двустороннего взаимодействия в интересах обеих стран.

Материалы подготовлены на основе интернет-источников.